

## Kitap-payhas çeşmesi

Köne döwrün alymlary kitaby Jemşidin jamyna menzedipdirler.Dogrudan hem,kitap içi tasin maglumatlardan doly bilim hazynasydyr.Parasatly halkymyz ony akyl-payhasyn jemlenen mirasy hasaplapdyr.Hakykatdan-da,kitap-bizin mugallymymyz,yolbeledimiz hem-de payhas çeşmamizdir.Kitap-bizin ruhy gymmatlygymyzyn,ruhy dünyamizin genji-hazynasydyr.Gözbasyny münyyllyklaryn jümmüşinden alyp gaydyan Türkmen halkymyzyn maddy we medeni taryhy gymmatlyklary diysen köpdür.Olaryn arasynda in naybaşysy,payhas hazynasy bolan kitaplardyr.

Turkmen halkymyzyn geçmiş taryhyna ser salsak,orta asyrlarda dünya medeniyetinin gadymy ojagy hasaplanyan Merw topragy milli mirasymyza  bay mekandyr.Bu toprakda yaşap geçen mert-pederlerimizin,yagny akyldarlarymyzyn,filosoflarymyzyn döreden bay kitaphanalarydyr,yazan golyazma kitaplary bu günki günde bizin in bir gymmatly genji hazynamyzdyr.Bahasyna yetip bolmajak gymmatly baylyk hasaplanyan kitaplar adamzat durmuşynyn ylym-bilim we payhas açarydyr.Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyn:”Kitap okan gullar magnydan dokdur”diyişi yaly,kitap ynsany ruhy taydan terbiyeleyar.Türkmen halkynyn kitaba goyyan hormaty öz gözbaşyny asyrlaryn jümmüşinden alyp gaydyar.Yagny,Türkmenistanyn tanymal yazyjysy Nurmyrat Saryhanowyn”Kitap” hekayasynda Welmyrat aganyn köşekli düyesini bir kitaba çalyşdyrmasy,türkmen halkynyn kitaba bolan söygüsinden,hormatyndan nyşandyr.

Başinji ya-da altynjysy synpdyk.Bir gün edebiyat sapagynda,mugallym ahlimizin kitaplarymyzy yygnap aldy-da,”Kitap” hekayasyny gürrün bermage başlady.Mugallym şeyle bir gowy gürrün beryar welin,ahlijamiz ol hekayanyn içine girip gidipdik.Hat-da ahli synplarda-da bolşy yaly,bezzatja synpdaşlarym hem ol hekayanyn içinde pikir ummanyna gark bolup dinlap otyrdylar.Sonra mugallym bu hekayany gürrün berip boldy-da,hemmamizden Welmyrat aganyn köşekli düya çalyşan ,içi payhasdan doly bolan kitabyn nahili kitapdygyny sorady.Bizin otuzymyzam otuz tarapdan pikir bildirmage başladyk,yöne hiç haysymyz hem dogry jogabyny tapyp bilmedik.Haçan-da mugallymyn özi dogry jogaby aydanda bizin şeyle payhasly akyldar şahyrymyzyn bardygyna,türkmenligimize we Garaşsyz baky Bitarap döwletde yaşayanlygymyza buysandyk.Hakykatdan-da kitap seni dünyanin meşhur adamlary,alymlary,yazyjylary,suratkeşleri ,kompozitorlary bilen islan wagtynda duşuryp,islan çagynda-da sözleşdirip bilyar.Kitap sana dürli ylymdan ders beryar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyn “Payhas çeşmesi”kitabynda ylym-bilime,kitap okamaga degişli birnaçe nakyllardyr atalar sözi getirilipdir.Yagny,

- Bilmeyan zadyny kitapdan sora.
- Kitap okamayan göryanini görer,kitap okayan dünyani görer.
- Dünyade atyn üstünden onat tagt yok,kitapdan gowy dost yok.
- Okamadyk öküner,dil gysgadyr,sakynar.
- Okayan il ozar,okamayan il tozar.
- Ylym köp,ömür az,geregini al-daşa yaz.

XX asyrda yaşap geçen ,agirt şahyrlarymyzdan biri Gurbannazar Ezizow özünin şygryyet dünyasinde kitap okamagyn peydalaryny şeyle beyan edyar:

Kitaphanalara gatnan yadaman,

Agras,kamil bory üçin pikirin.

Dünyade hemme zat bal bile yag dal,

Siz goja dünyanin boyun yetirin.

Azyrajyk bolsun çörek nobaty,

Köprajik bolsun kitap nobaty.

Belli alymlar kitap okamagyn egsilmez hazynadygyny bellap geçyarler.Okamak yüregi şatlandyryar,göwnüçökgünligi aradan ayyryar.Kitap okayan wagtyn hemişe gowy adamlaryn arasynda bolasyn gelyar.Wagtyny hayyrly zatlara sarp edyarsin.Kitap okayan adamyn söz baylygy gin boylar,akyly ösyar,zehini joşyar,pikiri durlanyar.Okumyş adam bilime bay bolup,yatkeşligi,düşünjesi yitileşyar.Kitaby köp okasan ,ylym almagyn we

durmuşa düşünmegin yollaryny tapyp bolyar.Sözün manysyna çunnur düşünmage,öwrenilen zatlary pugta yatda saklamaga,aydylyan zadyn maksadyny anmaga we pynhan hikmetlerin syryny bilmage kömek edyar.Bu babatynda dünyanin belli yazyjylaryndan biri bolan M.Gorkiy şeyle diyyar :”Bilimlerin çeşmesi bolan kitaby söyün,dine bilim dadymyza yetişip,dine şol bizi ruhy taydan güyçli,pak,payhasly adamlar edip yetişdirer”.Mundan başga-da Aybek:”Kitap adamzat payhasynyn dürdanesini yygnayar we olary nesilde-nesle geçiryar.Biz bir gysym gum bolup gideris ,yöne kitaplar weli,demirden hem daşdan yasalan yadygarlikler yaly müdimilik saklanyarlar”diyip bellap geçyar. Görnükli türkmen yazyjy şahyrymyz Berdinazar Hudaynazarow:”Türkmenlerde “Atyn barka yol gazan,atan barka dost gazan”diyen nakyl bar.Kitap hakda oylanamda şu nakyl yadyma düşyar.Kitap bilen dostlaşan adamyn ruhy garyp bolup bilmez.Ol özüni bagtly hem-de bay adam hasaplamaga haklydyr.Adamyn mahal-mahal haly ten bolyan pursatlary bolyar.Şonda söwer dostun yanyna gelayse,göwnün gülleyar.Şol dostun roluny akylly kitap hem yerine yetirip bilyar.Hazirki zaman durmusynda yol gazanmagyn kynlygy yok.Yöne bir fakta welin üns berin: Yuriy Gagarin kosmosa uçanda yany bilen söygüli kitaplaryny alandygyny aydypdy.Name üçin başga zat dal-de ala-böle kitap? Sebabi, kitap adam durmuşynyn in hay-hayly pursatlarynda ona güyç beryar,ruh beryar! Kitapsyz durmuşy göz önüne getirmek kyn.Juda kyn”diymek bilen kitap adamzadyn in yakyn we hakyky dostudygyny nygtayar.Gahryman Arkadagymyzyn parasatly belleyşi yaly :”Kitap hemişe adamzadyn ruhy gymmatlyklaryny özünde jemleyan baylyk,durmuşyn aynasy, taryhyn beyany, geljege yol görkeziji hasaplanypdyr”.Kitap hiç wagt garramayan ,hemişe juwan we wepaly hyzmatkarindir.Sen haysy döwrün taryhyndan,haysy milletin gylyk-hasiyetinden haysy döwletin ykbalyndan hen buyursan, kitap senin arzuwyny yerine yetiryan,gija,gündize parh goymayan ,yadamany,armany bilmeyan,aydym aydyp, saz çalyp beryan hoş owaz bir bagşydyr.Kitap göwnünde pos bolsa,bulgur yaly durlar,şahtine ganat beslar, yetmezin,yalnysyn bar bolsa sypayyçylyk bilen görkezer,gandyrar,ynandyrar,indi yörejek yoluna şugla saçar.Kitap duşmany tanamaga , bet pirimi anlamaga , hüşgar bolmaga yol salgy beryan,Watanyny , halkyny , wepaly yaryny ata-eneni,dogan-garyndaşyny , edyanişini söydüryan , ruhyny göteryan bir ylhamdyr.

Berkarar döwletimizin bagtyyarlyk döwründe okamaga,döretmage gin mümkinçilikleri döredip beryan Gahryman hem-de mahriban Arkadagymyza talyp kalbymdan çaksiz minnetdarlyk bildiryarin.

Jorayewa Gunça

Kafkas uniwersitetinin talyby.